# Bäş gylyk

Category: Goşgular,Kitapcy
написано kitapcy | 26 января, 2025
Bäş gylyk BÄŞ GYLYK

1.

Ýaman gylyk hötjetlik,
Diýenin gögertmeklik,
Köpüň janyn ýakmaklyk.
Bütin ömrüm synadym,
Keçeňekden ýadadym!

2.

Çygryndan çykyp haýaň,
Çyna kybap aldaýan,
Özün köpbilmiş saýan,
Kişä duşan halatym,
Ýalançydan ýadadym!

3.

Bu gylyk hem erbetdir,
Ýamanlyga söýgetdir.
Olam ýalan töhmetdir.
Nije alandyr badym,
Töhmetçiden ýadadym!

4.

Nerwiň galýar görenden,
Hemme bizar gedemden.
Şony ýaran edenden,
Ýalňyzlygy haladym,
Tekepbirden ýadadym!

5.

Bir zadyň bolsa iki,
Alnan dek özüniňki,
Kyn bolar göribiňki.
Bakyşyndan tanadym,
Göripdenem ýadadym!

* * *

Geldimyrat, bes indi,
Nalamaňy kes indi.
Köşeş, etme ses indi,
Bäş pisligi sanadyň,
Ýatlap ýene ýadadyň!

2021 ý. Goşgular